# HÄZIRKI ZAMAN HALKARA GATNAŞYKLARYNYŇ DERWAÝYS MESELELERI

TÜRKMENISTANYŇ BILIM MINISTRLIGI

TÜRKMENISTANYŇ DAŞARY IŞLER MINISTRLIGINIŇ
HALKARA GATNAŞYKLARY INSTITUTY

# HÄZIRKI ZAMAN HALKARA GATNAŞYKLARYNYŇ DERWAÝYS MESELELERI

(makalalar ýygyndysy)

Aşgabat • Ylym • 2024

## EDEBIÝAT

1. *Gurbanguly Berdimuhamedow.* Türkmenistanyň durmuş-ykdysady ösüşiniň döwlet kadalaşdyrylyşy. I–II tom. – A.: TDNG, 2010.
2. Türkmenistanyň 2021–2030-njy ýyllar üçin daşary söwda Strategiýasy. – A., 2021.
3. *Ataýew G. we başg*. Halkara ykdysady guramalar. – A.: TDNG, 2019.

**Çynar Baýramdurdyýewa,**
*Halkara ykdysadyýeti ugrunyň magistranty*

# TÜRKMENISTANYŇ HALKARA YKDYSADY GATNAŞYKLARYNYŇ ÖSÜŞI

“Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy: Türkmenistany 2022–2052-nji ýyllarda durmuş-ykdysady taýdan ösdürmegiň Milli maksatnamasynyň” we “Türkmenistanyň Prezidentiniň ýurdumyzy 2022–2028-nji ýyllarda durmuş-ykdysady taýdan ösdürmek boýunça Maksatnamasynyň” wezipelerine laýyklykda, Türkmenistanyň Bitaraplyk syýasaty ählumumy strategik möhüm gural hökmünde dünýä we sebit döwletleri, şeýle hem abraýly halkara guramalary bilen hyzmatdaşlygy mundan beýläk-de ösdürmäge gönükdirilendir. Döwletiň milli ykdysadyýetiniň diwersifikasiýa ýoly bilen alnyp barylmagy we ulgamda ýokary tehnologiýalaryň we sanlylaşdyrma proseseleriniň ýaýbaňlandyrylmagy global ykdysady giňişligine we umumydünýä hojalyk gatnaşyklaryna işjeň goşulyşmagyna güýçli itergi berýär.

Türkmenistan milli ykdysadyýetiň çalt depginler bilen ösýän şertlerinde dünýäniň dürli döwletleri bilen ýokary tehnologiýaly pudaklarda hyzmatdaşlyk etmäge, häzirki zamanyň öňdebaryjy bilimlerini we dolandyryş çözgütlerini ornaşdyrmaga uly ähmiýet berýär. “Türkmenistanyň 2020–2025-nji ýyllar üçin daşary ykdysady işiniň ösüşiniň Maksatnamasyny”, “Türkmenistanyň 2021–2030-njy ýyllar üçin daşary söwda strategiýasyny” we söwda, ykdysadyýet hem-de maýa goýumlar ulgamlaryna degişli resminamalardan gelip çykýan çäreleri hem-de taslamalary amala aşyrmak boýunça degişli işler alnyp barylýar. Bu babatda milli ykdysadyýetiň durnukly ösüşine we ilatynyň durmuş derejesiniň ýokarlandyrylmagyna ýardam berýän oňyn halkara şertleri döretmek, dünýäniň hojalyk gatnaşyklaryna işjeň gatnaşmak, daşary ykdysady hyzmatdaşlygy has-da ösdürmek, iri maýa goýumlaryny ýurdumyza çekmek ýaly wajyp wezipeler ileri tutulýar.

2022-nji ýylyň 23-nji sentýabrynda Türkmenistanyň Prezidenti Serdar Berdimuhamedowyň Döwlet maslahatynda eden çykyşynda belleýşi ýaly, 2022–2028-nji ýyllarda Döwlet býujetiniň serişdeleri durmuş-ykdysady ösüş strategiýany durmuşa geçirmegiň esasy ugurlaryna, ykdysadyýetiň innowasion

ösüşini üpjün etmäge gönükdiriler. Býujetiň agramly bölegininň, ozalkylary ýaly, durmuş ulgamyny maliýeleşdirmek üçin sarp ediljekdigi nygtaldy.

"Geljek ýedi ýylda 278,9 milliard manatdan gowrak maýa goýumlaryny özleşdirip, ýurdumyzyň önümçilik kuwwatyny has-da pugtalandyrarys. Bu döwürde zähmet haklarynyň möçberlerini 1,8 esse artdyrarys. Ykdysadyýetimiziň ähli pudaklarynda 30 müňe golaý goşmaça iş orunlaryny dörederis. Adam başyna düşýän ýaşaýyş jaýlarynyň umumy meýdanyny 102,2 göterim artdyrarys. Mekdebe çenli çagalar edaralarynyň 40-syny, orta mekdepleriň 54-sini, täze 4 sany ýokary hünär bilim edarasyny, 10 sany döwrebap hassahanany, 7 sany medeniýet öýüni, şol sanda 500-den gowrak täze önümçilik we durmuş maksatly binalardyr desgalary gurarys. Bu işleriň ählisi Gahryman Arkadagymyzyň "Döwlet adam üçindir!" diýen şygarynyň dowamy bolan "Watan diňe halky bilen Watandyr! Döwlet diňe halky bilen döwletdir!" diýen baş ýörelgämize laýyklykda, ilkinji nobatda, mähriban halkymyzyň abadançylygynyň ýokarlandyrylmagyna, ýurdumyzyň kuwwatynyň has-da artdyrylmagyna gönükdirilendir" [1, 96 s.].

Orta we uzakmöhletleýin döwlet maksatnamalarynyň kabul edilmegi bilen, Türkmenistanda ösen elektroenergetika, nebit we gaz çykarýan, nebiti gaýtadan işleýän, himiýa we nebit-himiýa senagatlary, maşyn-gurluşyk we demri gaýtadan işleýän, gurluşyk materiallaryny öndürýän desgalar, ýeňil we azyk senagatynyň kärhanalary bilen üpjün edilen köp pudakly dürli maksatly ykdysadyýet döredildi.

Türkmenistanyň halkara ykdysady işiniň ileri tutulýan ugurlarynyň biri BMG-niň Ösüş Maksatnamasyny durmuşa geçirmäge işjeň we netijeli gatnaşmaga gönükdirilendir. Ýurdumyzyň energetika we energiýa howpsuzlygy, durnukly ulag ulgamy, ekologiýa we daşky gurşawy goramak, hususan-da, wodorod energiýasy boýunça wajyp meseleleriň çözülmegi, azyk howpsuzlygy we beýleki ugurlar babatda halkara hyzmatdaşlyk has hem giňeldilýär.

Ýurdumyz dünýä döwletleriniň arasynda özüniň ýangyja we elektrik energiýasyna bolan isleglerini öz hususy baýlyklary bilen doly kanagatlandyrýar, şeýle hem onuň ep-esli bölegini daşary ýurtlara çykarýar. Türkmenistan milli we umumadamzat bähbitlerine özüniň ägirt uly energetika mümkinçiligini netijeli peýdalanmaga örän jogapkärli çemeleşmäge ygrarlylygyny bildirýär hem-de bu ugurda anyk wezipeleri ýerine ýetirýär. Tebigy gazyň gorlary boýunça dünýäde dördünji orny eýeleýän Türkmenistanyň energetika strategiýasynyň möhüm ugurlarynyň biri hem ony dünýä bazaryna ibermegi diwersifikasiýalaşdyrmakdan ybarat bolup durýar. BMG-niň Baş Assambleýasy tarapyndan energiýa serişdelerini ygtybarly we durnukly üstaşyr geçirmek baradaky Kararnamalarynyň kabul edilmegi hem muňa aýdyň subutnamadyr.

Daşary ýurtly hyzmatdaşlar bilen Hazaryň türkmen bölegindäki ýataklar özleşdirilýär. Türkmenistan – Owganystan – Pakistan – Hindistan gaz geçirijisiniň gurluşygy amala aşyrylýar. Bu täze energiýa köprüsi türkmen tebigy gazyny Günorta

Aziýanyň iri ýurtlaryna uzakmöhletleýin ugradylmagyny üpjün etmek bilen, tutuş sebitiň durmuş-ykdysady taýdan ösmegi, işewür hyzmatdaşlygyň, parahatçylygyň berkemegi üçin kuwwatly itergi bolup hyzmat eder.

Günden we ýelden elektrik energiýasyny öndürýän stansiýanyň, içerki energetika halkasynyň, Türkmenistan – Owganystan – Pakistan elektrik geçiriji ulgamynyň gurluşyklary dowam etdirilýär. Aşgabat şäherinde Energetika enjamlaryny abatlaýyş we hyzmat ediş merkeziniň açylmagy pudagy diwersifikasiýa ýoly bilen ösdürmek üçin şertleri döredýär [2, 21 s.].

Türkmenistanyň durmuşa geçirýän ulag-logistika strategiýasy öz gözbaşyny gadymyýetden – Beýik Ýüpek ýolundan alyp gaýdýar. Türkmenistan bu gün Demirgazyk-Günorta, Gündogar-Günbatar ugurlary boýunça üstaşyr ulag taslamalaryny amala aşyrýar we Türkmenistan – Azerbaýjan – Gruziýa – Türkiýe, Özbegistan – Türkmenistan – Eýran – Oman – Katar hem-de TRACEKA halkara ulag geçelgeleriniň döredilmegine işjeň gatnaşýar. Şeýle-de Amyderýanyň üstünden geçýän awtomobil we demir ýol köprülerini, Aşgabat, Türkmenbaşy, Türkmenabat, Kerki şäherlerinde Halkara howa menzillerini, Türkmenbaşy şäherinde Halkara deňiz portuny gurmak boýunça taslamalar amala aşyryldy.

Türkmenistan maýa goýumlar babatda hem özüne çekiji ýurtdur. Içerki we daşary ýurt maýa goýum işjeňligini artdyrmak, ýurduň sebitleriniň ykdysady kuwwatyny berkitmek hem-de durmuş-ykdysady taýdan durnukly ösüşini üpjün etmek babatda ägirt uly işler amala aşyrylýar. Döwletimiziň öňe sürýän amatly maýa goýum gurşawyny döretmek babatdaky başlangyçlaryna halkara reýtinglerde ýokary baha berilýär.

Türkmenistan anyk kesgitlenen ugurlar boýunça strategik wezipelerden we maksatnamalaýyn resminamalardan ugur alýar we daşary ýurtlar, halkara we sebit ykdysady hem-de maliýe guramalary we institutlary bilen hemmetaraplaýyn özara bähbitli söwda-ykdysady gatnaşyklaryny dowam etmäge ygrarly we bu ugurda amala aşyrylmaly wezipeler boýunça tagallalary güýçlendirýär. Işjeň hyzmatdaşlygy alyp barmakda Ykdysady Hyzmatdaşlyk we Ösüş Guramasy, Halkara Pul Gaznasy, Bütindünýä Banky Topary, Ýewropanyň Täzeleniş we Ösüş Banky, Aziýa Ösüş Banky, Yslam Ösüş Banky we beýleki maliýe-ykdysady düzümler bilen gatnaşyklary pugtalandyrmak syýasatyny dowam edýär.

Häzirki döwürde söwda we maliýe ugurlary boýunça forumlary, sergileri, ýarmarkalary, simpoziumlary, şol sanda, wirtual sergileri geçirmek bilen, ýurdumyzyň senagat we intellektual kuwwaty dünýä ýaýylýar. Dünýäniň iri ykdysady merkezlerinde geçirilen Bütindünýä “EKSPO” sergilerinde ýurdumyzyň ýeten derejesine ýokary baha berilýär. Halkara hyzmatdaşlygyň täze döwrebap gurallaryny we nusgalaryny ornaşdyrmak maksady bilen, Halkara sergiler býurosy bilen hyzmatdaşlygyň gerimini giňeltmek boýunça çäreleri durmuşa geçirmek, daşary ýurtlarda guralýan sergilere we ýarmarkalara milli önümler, hyzmatlar,

senagat nusgalar bilen gatnaşmagy işjeňleşdirmek ileri tutulýan wezipeleriň hatarynda durýar.

Türkmenistan energetika ulgamynda hem global we sebit derejelerinde giň hyzmatdaşlygyň pugtalandyrylmagy ugrunda Halkara Energetika Hartiýasy, Halkara Energetika agentligi, Atom energiýasy boýunça halkara agentligi, Energiýanyň gaýtadan dikeldilýän çeşmeleri boýunça halkara agentligi, şeýle hem energiýa serişdelerini öndüriji öňdebaryjy daşary ýurt kompaniýalary bilen hyzmatdaşlygy amala aşyrýar.

Türkmenistan sebit hem-de halkara ulag we maglumat-kommunikasiýa ulgamlaryna işjeň goşulmak ugrundaky işlerini dowam etmek bilen, özüniň halkara ulag-üstaşyr mümkinçiliklerini artdyrýar. BSG-niň agzalygyna girmek boýunça (häzirki wagtda "işjeň synçy" derejesinde) amala aşyrylýan hereketleriň çäklerinde hem-de erkin söwda boýunça halkara şertnamalara gatnaşýan ýurt hökmünde Türkmenistan söwda-ykdysady ugurly gyzyklanmalaryň ilerledilmegi babatynda işjeň syýasaty alyp barýar. BMG-niň Halkara söwda hukugy boýunça komissiýasynyň 2022–2028-nji ýyllar döwri üçin agzasy hökmünde ýurdumyz onuň çäklerinde hem degişli işlere başlady.

Türkmenistanyň ykdysadyýetinde kärhanalaryň daşary ykdysady işini (DYI) amala aşyrmak umumymilli daşary ykdysady işiň çäklerinde amala aşyrylýar. Ýurtda daşary ykdysady iş halk hojalygynyň dürli pudaklarynda halkara hyzmatdaşlygyň ugurlarynyň, görnüşleriniň we usullarynyň, şeýle hem daşary ýurt pulundaky amallaryň jeminden, bilelikdäki kärhanany döretmekden we ş.m. ybarat bolýar.

Ýöriteleşdirilen daşary söwda guramalary, senagat kärhanalary, guramalary, edaralary we ş.m., şeýle hem daşary ykdysady işe hyzmat edýän hem-de onuň ösüşine ýardam edýän guramalar (banklar, söwda-senagat edaralary we ş.m.) DYI-niň subýektleri bolup durýar.

Kärhananyň DYI harytlaryň (hyzmatlaryň) halkara alyş-çalşy, maddy, maliýe we intellektual serişdeleri ondan-oňa geçirmek ulgamyndaky telekeçilik işiniň görnüşleriniň biri bolup durýar. DYI-niň düzüminde söwda we söwda däl amallar görkezilýär. Olaryň birinjisine harytlaryň we hyzmatlaryň eksporty hem-de importy bilen bagly amallar, ikinjisine maýa we karz-maliýe işi bilen bagly beýleki özboluşly tölegler bilen geçirilýän amallar degişlidir. DYI-niň möhüm düzüm bölegi bolup daşary söwda işi (DSI) – daşary ýurtly hyzmatdaşlar bilen söwda-ykdysady we ylmy-tehniki hyzmatdaşlyk babatynda telekeçilik işi çykyş edýär. DSI, birinji nobatda, harytlaryň (hyzmatlaryň) eksport we import görnüşinde alşylmagyny häsiýetlendirýär.

Eksport – harytlary (hyzmatlary) satmak we beýleki ýurtlaryň çäklerine çykarmak. Maýanyň eksporty – maýany ýurduň daşyna geçirmek (mysal üçin, ýerli kompaniýalaryň paýnamalaryny satyn almak görnüşinde), karz bermek we ş.m.

Import – şahsy sarp etmek, senagat, gurluşyk we beýleki kärhanalar tarapyndan peýdalanylmagy üçin, ýurduň içinde sarp etmek, soňundan içerki bazarda satmak we ýurduň daşyna çykarmak maksady bilen gaýtadan işlemek üçin daşary ýurtlardan getirilýän harytlary we hyzmatlary satyn almak hem-de öndüriji ýurduň (ýa-da araçy ýurduň) çäklerinden satyn alýan ýurduň çägine getirmek.

Hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow ýurdumyzda telekeçiligi ösdürmäge aýratyn üns berýär. Hususy ulgamyň höweslendirilmegi önümçilik ulgamynyň döwrebaplaşdyrylmagyny we okgunly ösdürilmegini, kompaniýalaryň hem-de hususy kärhanalaryň innowasion işini, ýerli çig malyň esasynda daşary ýurtlardan getirilýän harytlaryň ornuny tutýan önümleri öndürýän önümçilikleriň döredilmegini göz öňünde tutýar. Telekeçiler daşary ýurtlara iberilýän ýokary hilli önümleriň öndürilýän möçberlerini artdyrýarlar hem-de görnüşlerini giňeldýärler. Hususy kärhanalar bazaryň täze ugurlaryny ynamly özleşdirýärler, daşary ýurt bazarlarynda eýeleýän ornuny berkidýärler. Bu gün olar üstünlikli bäsdeşlik etmäge ukyplydyr. Türkmenistanyň Senagatçylar we telekeçiler birleşmesiniň halkara işewür gatnaşyklary gol çekilen ylalaşyklaryň birnäçesinde aýdyň beýanyny tapdy. Telekeçiler daşary ýurtlaryň işewür toparlary bilen hyzmatdaşlyk gatnaşyklaryny ýola goýmakda hem netijeli işleri amala aşyrýarlar. Sanly ulgama geçilmegi hem-de öňdebaryjy tehnologiýalaryň ornaşdyrylmagy netijesinde, dünýäniň islendik ýerinde gyzyklanma bildirýän hyzmatdaşlar bilen netijeli gatnaşyklary alyp barmak mümkindir. Söwda we hyzmatlar ulgamynyň okgunly ösdürilmegi halk hojalyk toplumyny üstünlikli özgertmegiň aýdyň görkezijisidir. Şoňa görä-de, hut söwda syýasaty Türkmenistanyň daşary ykdysady gatnaşyklarynyň esasy ugurlarynyň biridir [3, 96 s.].

Daşary ykdysady ulgamda alnyp barylýan tagallalar ýurdumyzyň dünýä hojalyk gatnaşyklaryndaky ornunyň pugtalandyrylmagyna, täze bazarlaryň özleşdirilmegine hem-de eksport mümkinçilikleriniň we daşary ýurt maýa goýumlarynyň artdyrylmagyna, türkmen harytlarynyň we hyzmatlarynyň dünýä bazaryna çykarylmagyna, halkara we sebit ykdysady hem-de maliýe guramalarynyň mümkinçilikleriniň doly göwrümde peýdalanylmagyna, şeýle-de dünýäniň ykdysady we maliýe bileleşikleriniň öňünde ýurdumyzyň oňyn abraýynyň kemala getirilmegine gönükdirilendir.

## EDEBIÝAT

1. Türkmenistanyň daşary ykdysady işini ösdürmegiň 2020–2025-nji ýyllar üçin Maksatnamasy. – A., 2020.

2. Bitarap Türkmenistanyň daşary syýasat ugrunyň 2022–2028-nji ýyllar üçin Konsepsiýasy. – A, 2022.

3. *Geldymuhamedowa O.* we başg. Halkara guramalar we integrasiýalar. – A.: TDNG, 2019.